# Undulmajak günler / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Undulmajak günler / hekaýa UNDULMAJAK GÜNLER

Ýazjemal ir oýandy. Reňki soluşan begres donuny egnine geýip, daş çykdy. Güýz pasly ýaňy başlanam bolsa, howanyň ýakymsyz çigregi bardy. Asman bulutlaşyp, çytylyp durdy. Ýapraklaryna eýýäm sary reňk çaýylan baglaram susdy. Agaçlaryň şemal öwsende şahalarynyň biri-birine degip, döredýän owazlaram zaryndy. Ýazjemalyň töwereginde göwün göteriji zada gözi ilmedi. Şol wagtam yzyny üzmän, itiň uwlaýan sesi eşidildi. Uwwuldyny diňledigiçe ol it agysyny duýdy. Goňşulary Sapar agalaryň ala-mula reňkli pişiklerem ozal ers-mersdi. Häzir bolsa horlukdan ýaňa gapyrgalaryny sanabermelidi. Ýazjemal nirä seretse, tukatlygy gördi. Ol: «Urşuň çawy ähli janly-jemendä ýetýär. Ýeke adamlar däl, haýwanlaram, tebigatam hasrat çekýär» diýip oýlandy.Ýazjemal ýere gaýyp düşen ýapragy eline aldy-da. «Meňem ykbalym şu ýapragyň solgun sary reňkine meňzeýär. Uruş ýarymdan aýra saldy. Herimizi bir ýere zyňdy. Ah, sen zalym uruş! Adamlaryň başyndan nä külpetler inderdiň. Gelin hamyla bolandygyna begenmeli dälmidir. Meni bolsa seň başymyza getiren horlugyň zerarly hamyladygym gama batyrýar. Adam pahyr sagatja perzent isleýär. Häzir meýdanyň ähli işi aýal-gyzlaryň gerdeninde. Çetde durup biljek gümanyň ýok.Uruş zerarly doýa garna iýip, täze geýim geýibem bilemizok» diýip, Ýazjemal baglaryň arasyndan çykdy. Gaýynenesiniň: «Çaga rysky bilen gelermiş. Adama nesil, dowamat gerek ahyry. «Günümiz kyn» diýip, dowamaty togtadyp bolmaz-a. Ol öz aýagyňa özüň palta urmakdyr. Çaga ömrüň manysy. Ol durmuşyňa şatlyk goşar. Gujagyňa alarsyň welin, agyr günüň ýeňlän ýaly bolar. Sen bagtly gelinsiň, Ýazjemal!» diýen sözleri ýadyna düşdi. Ol sözler barada içgin oýlandy, ölçerdi. «Dogry aýdýaň, enesi! Hamylalyk gelni gama batyrmalymydyr eýse?! Ol geljekki bagtyň. Kyn günler dulumyzda goş basyp ýatmaz. Bu hasratly günler hem geçer gider» diýip, makullady.

Ýanýoldaşy Nurgeldi urşa gideli bäri Ýazjemalyň iň ýakyn hossarlary gaýynenesi Hurmagül eje bilen baldyzy Akgyzdy. Iki-ýeke erkek kişiler diýäýmeseň, obada kileň aýal-gyzlar galypdy. Nurgeldi kolhozyň sürüsini bakansoň, urşa gitmezlige ygtyýarnama berlipdi. Ýöne özi ýaly ýigitler Watan üçin aldym-berdimli urşa gideninde Nurgeldi tylda galmakdan ýüz dönderdi. Ol kärini dowam etdirjek şägirdem ýetişdiripdi. Şägirdi Mergeniň uly sürä çopançylyk edip biljekdigine Nurgeldi ynanýardy. Şol sebäpli ol urşa meýletin gitmegi ýüregine düwdi. Ýogsa, Ýazjemal:
– Barjak ýeriň oduň içi. Meýletin arza berip gitme. Sen bolmasaň bize kyn düşer – diýip, Nurgeldini harby wekillige arza ýazmaga gitmekçi bolanynda ýolundan saklamakçy hem bolupdy. Nurgeldi Ýazjemal näçe özelenip ýalbarsa-da bu haýyşy bilen razylaşmady. Ýolundan sowulman duran Ýazjemala gabak astyndan alarylyp:
– Häzir jan goramagyň wagty däl. Watanyň üstüne howp abanýar. Watany howpdan halas etmek borjumyz. Görýäň-ä obadaky erkek göbeklileň ählisi frontda. Kimsi maşgalaly, çagaly-çuwgaly, kimsi heniz öýlenmedik. Olar Watan üçin söweşýärler. Häzir meniň ýerim frontda – diýip, kesgitli jogap berdi.
– Meň ýagdaýym-a bilýäň! Biziň halymyzdan kim habar alar?! Geljekki çagaň ykbalyna haýpyň gelsin! Bize-de hossar gerek ahyryn – diýip, Ýazjemal ýan bermedi.
– Watany goradygym, sizem goradygymdyr. Watany goraman, sizi, geljekki çagamyň ykbalyny gorap bilmerin. «Urşa gitme» sözüňi indi gaýtalama – diýip, Nurgeldi aýagyna köwşüni geýdi. Şondan soň Ýazjemaldan ses-seda çykmady. Meýletin arzasy bilen Nurgeldi urşa gitdi. Nurgeldiniň kakasy Meret aga-da işçi toparyna alnypdy.
Hurmagül eje, Ýazjemal, Akgyz dagam tylda ýykma-ýykylma günlerini aýlaýardylar. Ýöne kemsinip oturasy zat ýokdy. Obada hiç kimiň güzeranam olaryňkydan öwerlik däldi. Agyr günleriň kynçylygyny obadaşlar biri-birine dogan dek hormat goýup ýeňerdi. Akgyz hamyla gelnejesiniň ýanyndan aýrylmady. Meýdan işine bile gatnardy. Entek süňňi bekäp ýetişmedik çagalaryň ulular bilen deň hatarda durup işleýişlerini göreninde ýüregi

jiglärdi. «Adam başy- daşdan gaty» diýleni. Çagalaryň göwni oýun, gülki küýseýär. Uruş bu günäsiz çagalaryň çagalygynam elinden gaňryp aldy. Entegem şulaň düşbüligine şükür. Işläp surnuksalaram ýadadymlary ýok. Balkyldaýan gözlerinde welin, ogurlanan çagalyklarynyň armany tagma bolup dur. Ýazjemal iş dannaman işlärdi. Näçe köp işlese, urşam şonça çalt gutaraýjak ýalydy. Käte şu günki işini ertä goýmajak bolup, ýary gije öýüne dolanardy. Öýde-de ine-gana dynç alma ýokdy. Uzak gijäni «fronta kömek» diýip, jorapdyr ellik örüp, dümtünip geçirerdi.
Soňky günler Ýazjemalyň göwni gyzgynjak gowurgany köp küýsedi. Ýöne açlyk derdiniň çekilýän wagty «Göwnüm ony küýseýär, göwnüm muny küýseýär» diýmäge-de utandy. «Hany, hazan ýaly açlykda gowurga etmäge bugdaýy nireden aljak?! Uruş turany bäri iýýänimiz jöwen. Jöweniň reňki adamlaň ýüzüne ornap gitdi. Uly iliň küýsegi bugdaý nanyka «bugdaý beräý» diýip, kimiň gapysyny kakjak?!» diýse-de göwnüniň küýsegi gün geçdigiçe artmasa kemelmedi. Özýanyndan: «Wah, şu wagt birje goşawuç gowurga bolsady, iýip doýsadym» diýenini hem duýmazdy.
Şol gün Ýazjemal könelişen agaç sekiniň üstünde otyrdy. Şol wagt hem goýry tüsse özi bilen gowurganyň ýakymly ysyny daş-töwerege ýaýratdy. Gowurganyň ysy burnuna urandan Ýazjemal ony has küýsedi. Demi bilen ysyny içine sordy. Guýudan suw alyp gelýän Akgyz bedrelerindäki suwy çelege guýdy-da, gelnejesiniň ýanyna geldi:
— Bir-ä gowurga gowurýar. Tüssä Sabyr ejeleň öýüniň deňinden gaýdýar. Şolar gowurýan bolaýmasa! — diýip, Akgyz gelnejesiniň ýüzüne seretdi.
Ýazjemal bolsa şol tarapdan gözüni aýyrman:
— Hawa, şolar gowurýar. Sabyr ejeleň güni ganymat. Halnazar agada ussa adam. Pil diýýä, kätmen diýýä, garaz ussa işi düşmeýän az. Ussa ýasan zadynyň kemini-köstüni goýanok. Goňşy obalardan gelibem gerek-ýarak zatlaryny ýasadyp gidýärler.
Ýazjemala bu gezek islegini baldyzyndan gizlemek başartmady. Ol gowurganyň ýakymly ysyny ýene içine çekdi. Akgyz gelnejesiniň ymsynyp durşundan onuň küýsegini aňdy: — Gelneje, näme gowurga iýesiň gelýärmi?! Sabyr ejeden bir azajyk diläýeýin. Arada orakdan gelýärkäm ýolda Sabyr ejä duşdum.

Salamlaşyp deňinden ötjek bolanymda: «Akgyz, aýak çek» diýip saklady. «Gelnejeň göwni süýt-gatyk küýsese çekinmän gelibergin! Hamyla gelniň göwün küýsegini bitirmek sogapdyr» diýdi. Ýazjemal:
– Ýekeje goşawuç bolsa bolar welin, dilege barmak aýp-da diýip, Akgyzyň ýüzüne naýynjar garady.
Akgyz:
– Aýp bolmaz, gelneje! Men häzir gelýän – diýdi-de, demir okarajygy eline alyp, Sabyr ejelere ugrady. Sabyr ejeler Akgyzlaryň melleckleriniň aýak ujunda ýaşaýardy. Sabyr ejäniň adamsy Halnazar agany aýagynyň agsaklygy zerarly urşa almadylar. Okarasyny eline alyp barýan Akgyz: «Sabyr eje öýlerinde bolaýbilse ýagşydyr. Halnazar aga birhili hyrsyzrak adam. Aý, ýöne häzir gelnejemiň ýagdaýyna düşünerler-le» diýip, içini gepletdi. Akgyz şeýle pikir, hyýal bilen Halnazar agalaryň öýüniň deňine ýetdi. Gowurganyň ýaňyja gowrulyp bolnandygy mese-mälimdi. Ojakda ýakylan oduň tüssesi henizem burugsap ýokary göterilýärdi. Okara salnan gowurganyň ysy bolsa tüssä garylyp çar-ýana ýaýraýardy. Akgyz «Nädip sorasamkam, Sabyr eje görnenokla ýa-da ol öýde dälmi-kä?!» diýip, biraz aýak çekdi. Onýança ussahanasyndan Halnazar aga çykdy. Ol çekinip duran Akgyza: «Näme bir zat ýasatmaga geldiňmi, gyz?!» diýip habar gatdy.
Akgyz:
– Salamälik, Halnazar aga! Sabyr eje öýdemikä? – diýip, birneme dogumlandy.
– Ýok, Sabyr ejeň-ä şu wagt ýaba suw almaga gitdi. Hä, näme bir işiň barmydy? – diýip, Halnazar ussa Akgyzyň ýüzüne çiňerildi.
– Halnazar aga, birje goşawuç gowurga berip bilmersiňizmi? – diýip, Akgyz dillendi. Halnazar aganyň ýüzi çytylan ýaly boldy:
– Gowurgaň ýerine näme berjek – diýip, Akgyzyň elindäki demir okara dikanlady. Akgyz pikirlenip durman:
– Ynha, şu gülýakany alaýyň! – diýip, agasy Nurgeldiniň sowgat beren gülýakasyny uzatdy. Halnazar aga:
– Gülýakaň gerek däl. Tut okaraňy – diýip, gazanyň düýbünde

galan gowurgany susak bilen Akgyzyň elindäki okarasyna guýdy. «Bu Halnazar aga bilen Sabyr ejäniň özlerine goýan paýy bolmaly» diýip, Akgyz öz ýanyndan oýlandy.
Gowurga eýýäm okarany mazalyja gyzdyrypdy. Akgyz begenjinden gowurganyň gyzgynlygynam unutdy. Eli okara degende gyzgyn howry duýdy. Barmaklary awap gitdi.
– Gowurgaň howry güýçlüdir. Sen indi ony ýadyňdan çykarmarsyň – diýip, Halnazar aga daglanan barmaklaryny üfläp duran Akgyza tutawaç uzatdy.
Akgyz:
– Taňryýalkasyn, Halnazar aga! – diýip, oňa sagbolsun aýtdy. Akgyz ýakasyndaky gülýakanam goýup gaýtdy. Gelnejesiniň islegini bitiren Akgyzyň ökjesi ýeňledi. Gowurgadan bugdaý nanynyň ysy gelýärdi. Bu golaýda bugdaýdan bişirilen nanyň dişine degeni Akgyzyň ýadyna düşmedi. Häzir gowurga onuň gözüne tegelek nan bolup göründi. Ondan dadyp göresi geldi. Gultunanyny özem duýmady. Birdenem gözlerini gowurgaly okaradan aýryp: «Bolşum dagy nähili?! Indi dünýä injek jigimiň paýyny iýäýmäýin! Ýekeje dänesinem datmaýyn. Bary-ýogy birje goşawuç. Ynha, uruş gutarar. Agam Nurgeldem, kakamam sag-aman öýe dolanyp gelerler. Şonda, saçagymyz çörekden, çuwallarymyz bugdaýdan doly bolar. Islän wagtymyz gowurga gowrup iýeris. Wah, şol günler haçan gelerkä? Basymrak şol bagtly günlere ýetsedik…» Akgyz aglaýardy. Horja göwresiniň saňňyldysyna, elleri titräp-titräp gidýärdi. Gowurgany dökmekden ätiýaç edip, okaranyň gyrasyndan mäkäm tutdy. Akgyz ymsynsa-da gowurganyň ýekeje dänesinem datman öýlerine geldi. Okarasy gowurgaly gelen Akgyza gözi düşeninden Ýazjemalyň ýüzi ýagtyldy:
– Ine, gelneje, gowurga getirdim. Jigim ymsynaýmasyn. Iýsene basymrak! – diýip, gowurgaly okarany Ýazjemalyň öňünde goýdy. Ýazjemal meleje bolup bişen gowurgadan esli wagt gözüni aýyrmady:
– Sag bol, Akgyz! Häzir ulurak okaralaryň birini getireýin. Bir goşawuç okarany bütin maşgalamyza ýetireris – diýdi. Akgyz «Gelnejem bir goşawuçjyk gowurgany nädip hemmämize ýetirjekkä!?» diýip, haýran galdy. Ýazjemal demir okarajykdaky

gowurgany uly bir okara guýdy-da ony, alty bölege böldi:
– Bu kakaňa, ejeňe, Nurgeldä, maňa, saňa, jigiňe – diýip, Akgyza düşündirdi. Indi bolsa iýeli diýen terzde baldyzyna yşarat etdi. Akgyz gowurga elini uzatjagynam, uzatmajagynam bilmän aljyrady. Gelnejesiniň: «Sen iýmejek bolsaň, menem iýjek däl» diýen sözüni ýykyp bilmedi. Ýazjemal bilen Akgyz gowurgadan hezil edip iýdiler. Akgyz gowurgany gülýaka çalşandygyny gelnejesine aýtmandy. Ýazjemalyň baldyzynyň açyk ýakasyna gözi düşende:
– Hany, gülýakaň! O gülýaka agaň sowgadydy. Bir goşawuç gowurga üçin gülýakaňy goýmaly däl ekeniň, Akgyz! Wah, gülýaka berip gowurga alanyňy giç bilşimi diýsene. Ýogsa, gowurgany yzyna ugradyp, gülýakany getirderdim – diýip, ahmyrly gürledi.
Ertesi gün daňdan Sabyr eje Hurmagül ejäniň ýanyna geldi. Ol Sabyr ejäni gadyrly garşylady. Oňa ot atylyp demlenen çaýdan hödür etdi. Sabyr eje birsellem oturansoň: – Hurmagül, gelniň hany, çagyrsana – diýdi. Hurmagül eje işe ugramaga taýýarlyk görýän gelnini ýanyna çagyrdy. Ýazjemal başyny atyp, Sabyr ejä salam berdi. «Ýaşynmasaňam bolar, gelin jan!» diýip, Sabyr eje gülümsiredi.
– Düýn baldyzyň gülýakasyny gowurgaň ýerine goýup gaýdyberse nätjek?! Halnazar ikimiz agşam gülýakany ýalpyldysyndan tanaýdyk. Halnazaram «bagyşlawersin» diýdi. Akgyz janyň gülýakasyny elin gowşuraýyn hem halyňyzdan habar alaýyn diýip geldim. Gowurga iýip, süýt içesiň gelse günde özüm getirer duraryn, gelin! Sen kiçijik obamyzda ýeke-täk toýly gelinsiň. Oba toý getirmeli, gelin! Uruş başlany bäri çagajygyň sesine zar bolduk. Göwün islän zadyňy iýdirmäge obadaşlaryň gurbaty çatar. Bu eller indi näçe wagtdyr çaga küýseýär. Uruş sallançaklaň badyny gaçyrdy. Boş sallançaklar üwrelmegine garaşýar. Wiý, ýogsa-da Halnazar ussada: «Sallançak menden sowgat bolsun» diýip, ullakan sallançak ýasap otyr. Enşalla; ogluň bolar! Adyna-da Ýeňiş dakarys. Ol özi bilen hökman arzyly Ýeňşem alyp geler. Ýeňiş bolsa gidenlerimizem sag-aman ojagyna dolanar. Her ojakda ýene-de çaga sesi, ene hüwdüsi ýaňlanar. Sallançaklar bat alar. Bu ýeke meň arzuwym däl, gelin jan, bütin obaň arzuwy! Sen ol şatlygy obadaşlaryňa

sowgat etmelisiň! Ojagyňyzda ogul toýuny toýlarys. O toýuň soňam Ýeňiş toýuna ýazar. – diýip, Sabyr eje aýtmak isleýän zatlaryny Ýazjemala ýetirdi. Sabyr ejäniň sözleri Ýazjemalyň göwnüni gobsundyrdy: – Sag boluň, Sabyr eje! Dilegleriňiz kabul bolsun-da her-nä! – diýip, ýaşmagyň aşagyndan pyşyrdady.
– Onda näme gelin jan, her gün bir okara süýdi, gowurgany Sabyr ejeňden al – diýip, olar bilen hoşlaşyp öýüne gaýtdy.

* * *

Aýy-güni dolup Ýazjemalyň ogul perzendi dünýä indi. Bütin oba üýşüp, oňa Ýeňiş diýip at goýdy. Köp wagt bäri toýa ýüzi düşmedik oba adamlary, ogul toýuny toýladylar. Ýeňişjik oba adamlarynyň söýgüsi bilen ösüp, ulalýardy.
Şol gün oba adamlary uzak garaşdyran Ýeňşiň toýuny toýladylar. Ýene-de gaýgy-gamlar egsilip, tukat ýüzlerde şatlyk, bagtly geljege bolan umyt peýda boldy. Urşa diýip tapgyr-tapgyr bolup gidenleriň az sanlysy yzyna dolandy. Şolaryň arasynda Nurgeldem bardy. Ol çep elini uruşda galdyryp gelipdi. Oba adamlary muňa-da şükürdiler. Ýazjemaldyr Akgyzyň arzuwlan günleri hem gelip ýetdi. Saçaklarynda mele-myssyk nan, çuwallary doly bugdaýdy. Ýazjemal elmydama täze bugdaýyň hasylyndan gowurga gowrup goňşy-golamlaryna, çagalara paýlardy. Şonda ol gazanda az görünýän gowurganyň ýokumy bilen kiçiräk bir obany doýurýanlygyna göz ýetiripdi. Bir goşawuç gowurga küýseden günleri ýatlap: «Uruş, açlyk belasyna hiç wagt adamlaryň ýüzi düşmesin. Ene gojasyndan, oglundan, gelin ýanýoldaşyndan, çaga kakasyndan aýrylyp gözýaş dökmesin. Maşgalalaryň başy bitin bolsun! Bolçulykda, bagtly durmuşda ýaşalsyn! Ýeňşi gazanyp beren gerçeklerimize baky şöhrat bolsun! Olaryň watansöýüjiligi geljekki nesillere nusga bolup galar!» diýip, dileg ederdi. Ol okarasyndaky dokmäde bugdaýlary buýsanç bile synlardy. Ojagyň oduny güýçlendirerdi. Gowurganyň ýakymly ysy ýene-de bütin oba ýaýrardy. Ýazjemal üçin gowurga iň süýji tagamlaryň biri bolup galypdy.

Ogulgurban GAŞLAKOWA. Hekaýalar